#178 (200)
среда, 22 мая 2024 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI



**17-nji maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň möhüm meselelerine garaldy.**

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa çykyş edip, döwlet durmuşynyň dürli ugurlaryny kanunçylyk taýdan üpjün etmek boýunça alnyp barylýan kanun çykaryjylyk işi barada maglumat berdi.

Döwlet Baştutanymyz täze kanunçylyk namalaryny kabul etmegi hem-de kanunlary yzygiderli kämilleşdirip durmagy dowam etdirmegiň zerurdygyna ünsi çekdi. Şunuň bilen birlikde, abraýly halkara guramalar we daşary ýurtlaryň parlamentleri bilen gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmegiň möhümdigi bellenildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow döwlet Baştutanymyzyň beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi, milli ykdysadyýetimiziň innowasion taýdan ösüşini üpjün etmek üçin görülýän çäreler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, «Integral mikroshemalaryň topologiýalarynyň hukuk goragy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, ugurdaş düzümler tarapyndan integral mikroshemalaryň topologiýalaryny döwlet belligine almak bilen baglanyşykly hereketleriň amala aşyrylmagy üçin alynýan ýygymlary düzgünleşdirmek boýunça işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň intellektual eýeçilik hukuklaryny goramak ulgamyny halkara tejribä laýyklykda kämilleşdirmegi dowam etdirmegiň möhümdigini belledi we bu babatda wise-premýere anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow gözegçilik edýän toplumyndaky işleriň ýagdaýy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda nebitiň we tebigy gazyň goşmaça möçberiniň çykarylmagyna uly üns berilýändigini belledi we şunuň bilen baglylykda, «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy tarapyndan alnyp barylýan işleri berk gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, B.Atdaýew, M.Mämmedowa, N.Amannepesow gözegçilik edýän ugurlaryna alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, ähmiýet berilmeli wezipelere ünsi çekdi we wise-premýerlere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistan bilen Atom energiýasy boýunça halkara agentligiň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzyň Atom energiýasy boýunça halkara agentlik bilen ýola goýlan hyzmatdaşlyga ünsi çekdi we wise-premýer, DIM-niň ýolbaşçysyna bu ugurdaky işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew ýurdumyzyň pudak edaralarynda elektron maglumat alyşmak ulgamyny ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, agentligiň ýolbaşçysyna degişli tabşyryklary berdi.

Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, Garaşsyz ýurdumyzda dabaraly çäreleriň üstünlikli geçirilýändigini aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz türkmeniň beýik ogly Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli «Magtymguly» atly kitabyň çapdan çykandygyny we onda akyldar şahyryň umumadamzat gymmatlygyna öwrülen goşgularynyň ýerleşdirilendigini nygtady. Hormatly Prezidentimiz kitabyň ilkinji sanyny Gahryman Arkadagymyza ibermegi makul bilendigini aýdyp, bu eseriň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda mähriban halkymyza mynasyp sowgat boljakdygyny belledi.

Mejlisiň dowamynda oňa gatnaşyjylar hormatly Prezidentimizi hem-de Milli Liderimizi beýik şahyryň ýubileýi mynasybetli «Magtymguly» atly kitabyň çapdan çykmagy bilen tüýs ýürekden gutlap, berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli asylly işleriniň mundan beýläk-de rowaçlyklara beslenmegini arzuw etdiler.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen nobatdaky mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## *ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ КОРОЛЯ НОРВЕГИИ*

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Королю Норвегии Харальду V по случаю национального праздника Норвегии – Дня Конституции.

Пользуясь этой возможностью, глава Туркменского государства выразил Королю Харальду V искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а всему народу Королевства Норвегия – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## *ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ ЭЛЬ-САЛЬВАДОР*

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Эль-Сальвадор Найибу Букеле и народу страны по случаю 25-летия установления дипломатических отношений между Туркменистаном и Республикой Эль-Сальвадор.

Отметив, что отношения между нашими государствами опираются на взаимоуважение, равноправие и обоюдное доверие, Президент Сердар Бердымухамедов подчеркнул заинтересованность Туркменистана в расширении двусторонних связей и выразил уверенность в дальнейшем развитии совместными усилиями сотрудничества между нашими странами в интересах обоих народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства выразил Президенту Найибу Букеле искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Республики Эль-Сальвадор – дальнейшего прогресса и процветания.

## *ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ РАИСУ РЕСПУБЛИКИ ТАТАРСТАН РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ ГОСПОДИНУ Р.Н.МИННИХАНОВУ*

***Уважаемый Рустам Нургалиевич!***

Прежде всего хотел бы выразить Вам искреннюю благодарность за приглашение посетить дружественный Татарстан с визитом.

Народы Туркменистана и Татарстана объединены крепкими узами дружбы, которые в нынешний период развития обогащаются новым содержанием. Наши отношения основаны на общности культурно-духовных ценностей, схожести традиций и взаимопонимании. Установленный доверительный диалог на высшем уровне всегда способствует развитию взаимовыгодного партнёрства.

И с первого момента прибытия в прекрасный город Казань нам был оказан поистине тёплый и радушный приём. Результаты нашей с Вами встречи, в ходе которой были рассмотрены многие аспекты взаимодействия, несомненно, послужат новым импульсом в продвижении эффективного сотрудничества.

Мы также приняли участие в ежегодном заседании Группы стратегического видения «Россия–Исламский мир», прошедшем в рамках мероприятий Международного экономического форума «Россия – Исламский мир: KazanForum 2024», в ходе которого я имел честь обратиться с речью. Участие многочисленных представителей государственных, религиозных и деловых кругов в данном мероприятии свидетельствует о возрастающем интересе к Татарстану в качестве связующего звена России с Исламским миром.

Стоит отметить, что национальный стенд Туркменистана был представлен на международной выставке «Russia Halal Expo», где были показаны достижения государственных учреждений и частных компаний нашей страны. Было оказано всестороннее содействие туркменской делегации в организации плодотворных переговоров и ознакомлении с передовыми разработками Татарстана.

***Уважаемый Рустам Нургалиевич!***

Мы в Туркменистане высоко ценим наши отношения с Республикой Татарстан Российской Федерации.

Я глубоко убеждён, что данный визит станет важным этапом в истории развития туркмено-татарстанского сотрудничества.

Пользуясь возможностью, выражаю Вам и всему народу Татарстана искреннюю благодарность за тёплый приём и гостеприимство, оказанные мне и членам делегации, а также за организацию всех мероприятий в рамках визита на высшем уровне.

Желаю Вам счастья, здоровья и благополучия.

***С глубоким уважением***
***Гурбангулы БЕРДЫМУХАМЕДОВ,***
***Национальный Лидер туркменского народа,***
***Председатель Халк Маслахаты Туркменистана.***



# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI DABARALY ÇÄRELERE GATNAŞDY

2024-nji 18-nji maý güni goşa baýram — Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli paýtagtymyzda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Konstitusiýa binasyna hem-de ýurdumyzyň Baş baýdagyna gül goýmak dabaralary geçirildi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ýyl ýazgysyna ýene bir şanly sahypa ýazyldy - şu ýylyň 21-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen «2025-nji ýyl - Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Döwlet Baştutanymyzyň täzeçil başlangyçlarynyň netijesinde ýurdumyzda ägirt uly özgertmeler amala aşyrylýar. Dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekýän iri halkara çäreler geçirilýär. Munuň özi Garaşsyz Watanymyza, Konstitusiýamyza we Döwlet baýdagymyza buýsanmak üçin ýene-de bir esasdyr. Ýurdumyzyň esasy Döwlet nyşanlary bolmak bilen, Esasy Kanunymyz we ýaşyl tugumyz täze taryhy eýýamda Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň hem-de özbaşdaklygynyň mizemez esaslaryny özünde jemläp, halkymyzyň bitewüligini, jebisligini, parahatçylyk döredijilik, ynsanperwerlik, ýagşylyk taglymlaryna üýtgewsiz ygrarlydygyny alamatlandyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň şanly sene mynasybetli halkymyza iberen Gutlagynda belleýşi ýaly, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Konstitusiýasy jemgyýetimiziň hem-de döwletimiziň gurluşynyň esasy ugurlaryny kesgitleýän resminamadyr. Esasy Kanunymyzda müňýyllyklardan gözbaş alýan Watan, halk we döwlet baradaky mukaddes düşünjelerimiz, Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen Bitaraplyk hukuk derejämiz bitewüleşdirilýär, ösüşlerimiziň, bagtyýarlygymyzyň hem-de berkararlygymyzyň ygtybarly binýady öz beýanyny tapýar.

Döwlet baýdagy Garaşsyzlygymyzyň we Bitaraplygymyzyň, şöhratly geçmişimiziň, bagtyýar döwrümiziň hem-de beýik geljegimiziň belentligini, abraý-mertebämiziň synmazlygyny alamatlandyrýan gymmatlygymyzdyr. Şoňa görä-de, gadymy haly gölleri, ýarymaý bilen bäş ýyldyz, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan ykrar edilen Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny aňladýan zeýtun şahalary şekillendirilen ýaşyl tugumyz mukaddes Watanymyzyň, merdana halkymyzyň şanşöhratyny dünýä ýaýýar.

...Irden Köpetdagyň ajaýyp dag eteginiň gözelligi bilen sazlaşykly utgaşýan Konstitusiýa binasynyň ýanynda Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, daşary ýurtlaryň we halkara guramalaryň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, hormatly ýaşulular, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, talyplar, medeniýet işgärleri, paýtagtymyzyň köp sanly ýaşaýjylary ýygnandylar. Daşary ýurtly myhmanlaryň hatarynda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp, medeniýet ministrleri derejesinde geçirilen halkara maslahata, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly halkara ylmy maslahata gatnaşyjylar, TÜRKSOÝ-na agza döwletleriň ÝUNESKO-nyň işleri barada milli toparlarynyň ýolbaşçylary hem-de wekilleri, Hytaýyň Halk syýasy konsultatiw geňeşiniň Ähliýhytaý komitetiniň wekiliýetiniň agzalary bar.

Konstitusiýa binasynyň ýanynda merdana Watan goragçylary hatara düzüldiler. Hormatly Prezidentimiziň awtoulagy binanyň öňündäki baýramçylyk öwüşgininde bezelen ýere gelýär. Hemmeler uly ruhubelentlik bilen döwlet Baştutanymyzy mübärekleýärler.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow haly düşelen ýoda boýunça ýörite ýere geçýär. Ýodanyň iki tarapynda Watanymyzyň geljegi we daýanjy bolan talyp ýaşlar hatara durlar. Ýaş nesliň wekilleriniň ellerinde ýurdumyzyň Döwlet baýdagy buýsançly parlaýar. Türkmenistanyň Döwlet senasy ýaňlanýar.

Döwlet Baştutanymyz Watanymyzyň özygtyýarlylygynyň, döwlet esaslarynyň hem-de demokratik ýörelgeleriniň bitewüligini, halk häkimiýetliliginiň köpasyrlyk däplerini alamatlandyrýan Konstitusiýa binasyna ajaýyp gül çemenini goýdy.

Hormatly Prezidentimiziň göreldesine eýerip, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, Mejlisiň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary, hormatly ýaşulular, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, dabara gatnaşyjylaryň ählisi gül desselerini we çemenlerini goýýarlar.

Konstitusiýa binasyna gül goýmak dabarasy tamamlanandan soňra, dabaralar Baş baýdak meýdançasynda dowam etdi. Bu ýerde dünýäde iň belent baýdak sütünleriniň biri ýerleşýär. 133 metr belentlikde Türkmenistanyň Döwlet baýdagy buýsançly parlaýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň awtoulagy Baş baýdak meýdançasyna gelýär. Bu ýere ýygnananlar döwlet Baştutanymyzy mähirli mübärekleýärler. Türkmenistanyň Döwlet senasy ýaňlanýar.

Hormatly Prezidentimiz baýdak sütüniniň öňünde ajaýyp gül çemenini goýýar. Soňra döwlet Baştutanymyzyň göreldesine eýerip, dabara gatnaşyjylar hem gül desselerini goýýarlar.

Halkymyz öz tuguna hemişe aýawly garapdyr. Mukaddes tugumyz halkymyzyň özbaşdak ösüşe, syýasy ugra, durmuş-ykdysady nusgasyna bolan hukugyny alamatlandyrýar. Türkmen topragy okgunly özgerip, gül açýan mekana öwrülýär, obalarymyz, şäherlerimiz täze keşbe eýe bolup, Watanymyzyň ykdysady kuwwaty pugtalanýar, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi ýokarlanýar. Durmuşyň we döredijiligiň joş urýandygyny alamatlandyrýan ýaşyl baýdagymyzyň astynda halkymyz agzybir, ruhubelent zähmet çekip, geljege ynamly garaýar.

Dabara tamamlanandan soňra, Döwlet Baştutanymyz oňa gatnaşyjylar bilen mähirli hoşlaşyp, bu ýerden ugrady.

...Şu gün Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli ýurdumyzyň ähli künjeklerinde dabaralar geçirildi. Olara belli artistler, aýdym-saz, tans we folklor toparlary gatnaşdylar. Dabaralarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ösüşiň täze belentliklerine tarap öňe barýan Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzy, halkymyzyň jebisligini, mähriban topragymyzyň gözelligini, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň döredijilik kuwwatyny wasp edýän aýdymlar belentden ýaňlandy.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI HYTAÝYŇ HALK SYÝASY KONSULTATIW GEŇEŞINIŇ ÄHLIHYTAÝ KOMITETINIŇ BAŞLYGYNYŇ ORUNBASARYNY KABUL ETDI

2024-nji ýylyň 18-nji maýynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hytaýyň Halk syýasy konsultatiw geňeşiniň Ählihytaý komitetiniň başlygynyň orunbasary hanym Şen Ýueýueni kabul etdi.

Myhman mähirli kabul edilendigi we bildirilen myhmansöýerlik üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, döwlet Baştutanymyza, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň we Döwlet Geňeşiniň Premýeri Li Sýanyň mähirli salamyny ýetirdi. Şeýle-de myhman akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Döwlet baýdagynyň gününe bagyşlanyp geçirilýän baýramçylyk dabaralaryna gatnaşmagynyň özi üçin uly buýsançdygyny belläp, hormatly Prezidentimizi şanly wakalar bilen tüýs ýürekden gutlady.

Döwlet Baştutanymyz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, HHR-iň ýokary derejeli ýolbaşçylaryna salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de Hytaýyň Halk syýasy konsultatiw geňeşiniň Ählihytaý komitetiniň başlygynyň orunbasarynyň şu gezekki saparynyň türkmen-hytaý gatnaşyklaryny mundan beýläk-de giňeltmekde uly goşant boljakdygyna ynam bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda ýola goýlan gatnaşyklara ýokary baha berip, iki ýurduň halklarynyň bähbidine yzygiderli ösdürilýän bu gatnaşyklaryň strategik häsiýetini belledi. Döwlet Baştutanymyz geçen ýyl Hytaýa amala aşyran saparlarynyň dowamynda Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin bilen geçiren duşuşyklaryny ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny aýdyp, bu saparlaryň dowamynda



gazanylan ylalaşyklaryň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge itergi berjekdigini nygtady.

Döwlet Baştutanymyz iki ýurduň syýasy-durmuş ugurlarynda zenanlaryň tutýan ornuny ara alyp maslahatlaşmaga oňyn mümkinçilik döreden “Türkmen-hytaý zenanlarynyň dünýäsi” atly foruma ünsi çekip, şeýle maslahatlaryň geçirilmeginiň Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň täze mazmun bilen baýlaşdyrylýandygynyň aýdyň mysaly bolup durýandygyny belledi.

Hanym Şen Ýueýue bu çäräniň türkmen hem-de hytaý zenanlarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda, iki dostlukly halkyň ruhy gymmatlyklary bilen tanyşmakda, halklary parahatçylygyň we dostlugyň bähbidine has-da ýakynlaşdyrmakda, medeniýetleri özara baýlaşdyrmakda, ynsanperwer gatnaşyklary giňeltmekde möhüm ähmiýete eýe bolandygyny aýtdy. Şeýle-de myhman Gahryman Arkadagymyzyň maşgalasy, hormatly Prezidentimiziň käbesi Ogulgerek Berdimuhamedowa bilen bolan söhbetdeşligiň dowamynda türkmen we hytaý halklarynyň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan medeni-ynsanperwer gatnaşyklarynyň ara alnyp maslahatlaşylandygyny belledi.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Hytaýyň Halk syýasy konsultatiw geňeşiniň Ählihytaý komitetiniň başlygynyň orunbasary hanym Şen Ýueýue birek-birege berk jan saglyk, abadançylyk, jogapkärli işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdiler.

* * *

Şu gün Türkmenistanyň Mejlisinde Hytaýyň Halk syýasy konsultatiw geňeşiniň Ählihytaý komitetiniň başlygynyň orunbasary hanym Şen Ýueýueniň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet bilen duşuşyk boldy. Milli parlamentiň ýolbaşçysy myhmanlary Mejlisiň düzümi hem-de ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeleri kanunçylyk taýdan üpjün etmek boýunça alyp barýan işleri bilen tanyşdyrdy.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, parlamentara dialog iki döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmakda esasy orunlaryň birini eýeleýär. Şunuň bilen birlikde, kanun çykaryjylyk we parlament işini döwrebaplaşdyrmak boýunça tejribe alyşmagy işjeňleşdirmekde parlamentara dostluk toparlarynyň möhüm ähmiýeti bellenildi. Söhbetdeşler türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň häzirki ýagdaýyny we ony ösdürmegiň geljekki ugurlaryny ara alyp maslahatlaşdylar hem-de syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny nygtadylar.



# AS PART OF A WORKING VISIT TO THE REPUBLIC OF TATARSTAN OF THE RUSSIAN FEDERATION, THE CHAIRMAN OF THE HALK MASLAHATY OF TURKMENISTAN HELD A NUMBER OF BILATERAL MEETINGS

On May 16, 2024, the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov, as part of a working visit to the Republic of Tatarstan of the Russian Federation, met with Deputy Speaker of the Federation Council of the Russian Federation Konstantin Kosachev.

Having warmly greeted Arkadag, the Deputy Speaker of the Federation Council of the Russian Federation expressed satisfaction with the opportunity to meet with the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov within the framework of such a representative event.

Konstantin Kosachev placed special emphasis on the importance and relevance of the initiatives put forward by Arkadag at the Forum. It was noted that the practical implementation of constructive proposals is intended to give an effective impetus to long-term interstate relations within the framework of «Russia-Islamic World».

Thanking for the kind words, the National Leader of the Turkmen people noted that our country considers this format of cooperation as a unique platform for building long-term partnerships with all interested states.

During the exchange of views on priority plans for cooperation, Arkadag Gurbanguly Berdimuhamedov and the Deputy Speaker of the Federation Council of the Russian Federation expressed firm confidence that the decisions made and agreements reached within the framework of the current Forum will help strengthen productive relations between Turkmenistan and the Russian Federation, as well as with the countries of the Islamic world.

Within the framework of the XV International Economic Forum «Russia-Islamic World», the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan also met with the Chair of the Federation Council Committee on Foreign Affairs Grigory Karasin.

Expressing sincere gratitude for the opportunity to meet with the National Leader of the Turkmen people at such a large and important event, Grigory Karasin emphasized that Russia highly values traditionally friendly relations with Turkmenistan and pays great attention to the development of long-term cooperation.

The Chair of the Federation Council Committee on Foreign Affairs also noted the importance of the official visit of the Chairman of the Halk Maslahaty to the Russian Federation, which resulted in the signing of an Agreement on the creation of an Inter-Parliamentary Commission on Cooperation, which became an important practical step towards strengthening fruitful ties between the legislative structures of the two friendly countries.

Thanking for the kind words, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov emphasized that the development of a constructive dialogue with Russia and with the member states of the Organization of Islamic Cooperation is among the priority vectors of the foreign policy pursued by neutral Turkmenistan.

Then, in the «Guest House under the Administration of Rais of the Republic of Tatarstan» a meeting was held between the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov and the State Counselor of the Republic of Tatarstan of the Russian Federation Mintimer Shaimiev.

Warmly greeting each other, the sides expressed satisfaction with the opportunity to meet within the framework of the anniversary XV International Economic Forum «Russia-Islamic World: KazanForum 2024». Taking this opportunity, Arkadag wished the success of this Forum and all events within its framework.

M.Shaimiev, noting the significance of the participation of the Chairman of the Halk Maslakhaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov in the XV International Economic Forum «Russia-Islamic World: KazanForum 2024», emphasized the relevance and relevance of the proposals put forward by Arkadag, including the development of the «Islamic Initiative in the name of peace, mutual understanding and trust."

Having noted with satisfaction the effective nature of bilateral cooperation in various areas, in particular in the oil and gas industry, shipbuilding, chemical industry, in the supply of aircraft and trucks, the sides spoke in favor of the full use of all opportunities to unlock the existing huge potential for the development of trade and economic relationships.

At the end of the meeting, expressing confidence that the mutual enrichment of cultures, based on long-standing traditions of friendship, will continue to contribute to the deepening of bilateral relations and serve as a solid foundation for further interaction, the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan and the State Counselor of the Republic of Tatarstan exchanged best wishes to each other and two fraternal peoples.

# MEETING OF THE NATIONAL COMMISSIONS FOR UNESCO OF THE TURKSOY MEMBER COUNTRIES

On May 16, 2024, in the conference hall of the Arçabil Hotel, within the framework of the year «Anau - the cultural capital of the Turkic world - 2024», the 10th meeting of the National Commissions for UNESCO of the member states of the International Organization of Turkic Culture (TURKSOY) was held.

The meeting was attended by heads and representatives of the National Commissions for UNESCO of Azerbaijan, Kazakhstan, Kyrgyzstan, Uzbekistan, Turkmenistan, Turkey, Mongolia, Hungary, the UNESCO Regional Office in Almaty, international organizations, including TURKSOY, the Parliamentary Assembly of Turkic States (TURKPA), the International Foundation for Turkic Culture and Heritage, the International Turkic Academy and the Foundation for Turkish Culture and Heritage, as well as ministries and departments of our country.

The main goal of the meeting was to identify new opportunities for joint cooperation between UNESCO and TURKSOY in the field of protection of historical, cultural, natural and written monuments of Turkic-speaking countries, as well as mutually beneficial joint efforts to ensure the inclusion of national heritage values in international lists.



At the opening ceremony of the meeting of the National Commissions for UNESCO of the TURKSOY member countries, a ceremony was held to transfer the powers of the temporary chairmanship of the National Commissions for UNESCO of the TURKSOY member countries from the Republic of Azerbaijan to the National Commission for UNESCO of Turkmenistan.

The speakers, Secretary General of TURKSOY Sultan Raev, Acting Director of the UNESCO Regional Office Amir Pirich, welcoming the participants of the meeting, expressed confidence in its practical significance in promoting the world and preserving the tangible and intangible cultural values of the Turkic peoples.

Next, a panel discussion began on the possibilities of cooperation between the TURKSOY member states within the framework of UNESCO.

At the meeting, confidence was expressed that increasing the number of annual meetings of the National Commissions for the Identification and Protection of Cultural Heritage will make the work more effective.

Then the work of the forum continued in the framework of 4 seminars, where Turkmenistan's support for programs and projects implemented by UNESCO on the protection of world cultural, natural heritage, intangible cultural heritage and the possibility of cooperation were discussed, and proposals and recommendations of participants in this direction were heard.

During the seminars, participants were informed about the practical steps being taken to include in the UNESCO World Heritage List monuments located along the main routes of the Great Silk Road between such large ancient Turkmen cities as Dehistan, Nisa, Merv, Serakhs, Amul, Kunyaurgench.

Those gathered expressed sincere gratitude to the Turkmen side for organizing the current forum, and also, noting the importance of multilateral cooperation on the UNESCO platform, discussed issues related to the state of cultural heritage and future joint work.

Then the Final Document was adopted, which reflected the decisions of the 10th meeting of the National Commissions of the TURKSOY member countries for UNESCO and expressed readiness for further multilateral cooperation.

Интернет газета
Международные новости

## Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan medeniýet ministrleri derejesindäki halkara maslahat

2024-nji ýylyň 17-18-nji maýy aralygynda Aşgabat şäheriniň «Ýyldyz» myhmanhanasynyň mejlisler zalynda beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan medeniýet ministrleri derejesindäki halkara maslahaty geçirildi.

Bu iki günlük foruma abraýly halkara guramalaryň, şol sanda Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ), Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (YHG), Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň (GDA) ýolbaşçylary hem-de wekilleri, Hytaýyň Halk syýasy konsultatiw geňeşiniň Ählihytaý komitetiniň başlygynyň orunbasary Şen Ýueýue, daşary ýurtlaryň birnäçesinden, şol sanda Azerbaýjandan, Gruziýadan, Ermenistandan, Gazagystandan, Gyrgyzystandan, Russiýadan, Täjigistandan, Özbegistandan, Hindistandan, Eýrandan, Katardan, Hytaýdan, Koreýa Respublikasyndan, Malaýziýadan, Türkiýeden, Ýaponiýadan wekiliýetler gatnaşdylar. Çagyrylan myhmanlaryň hatarynda 2024-nji ýylyň 16-njy maýynda Aşgabatda geçirilen Türki medeniýetiň halkara guramasyna (TÜRKSOÝ) agza döwletleriň ÝUNESKO-nyň işleri barada milli toparlarynyň 10-njy mejlisine gatnaşyjylar hem bar.



Umumy mejlis başlamazdan ozal, köp sanly foruma gatnaşyjylar binanyň eýwanynda guralan sergi bilen tanyşdylar.

Myhmanlaryň çykyşlarynda bellenilişi ýaly, her bir halkyň beýikligi, esasan, dünýä beren meşhur şahsyýetleri bilen kesgitlenilýär. 2023-nji ýylyň maýynda Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumynyň Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilmegi onuň şahyrana-filosofik mirasynyň bütin adamzadyň medeni hazynasynyň möhüm bölegi hökmünde halkara derejede ykrar edilýändigini aýdyň görkezdi. Pursatdan peýdalanyp, ýygnananlar Gündogaryň meşhur şahyrynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli geçirilýän dabaralaryň ýokary guramaçylyk derejesi, halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek, halklaryň arasyndaky däp bolan dost-doganlyk gatnaşyklaryny berkitmek, milli mirasy, umumy medeni, ruhy-ahlak gymmatlyklaryny wagyz etmek ugrunda alyp barýan giň gerimli işleri üçin Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowa we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler.

Forumyň ikinji güni maslahat Magtymguly Pyragynyň ömrüne we döredijiligine, filosofik garaýyşlaryna, beýik şahyryň dünýä edebiýatynda hem medeniýetinde tutýan ornuna, onuň köptaraply mirasyny bütin dünýäde wagyz etmek boýunça alnyp barylýan işlere bagyşlanan bölümçeleriň dördüsiniň çäginde öz işini dowam etdi.

### *Встреча с Председателем Национальной комиссии Турецкой Республики по делам ЮНЕСКО*

16 мая 2024 года в рамках проведения в Ашхабаде 10-го совещания Национальных комиссий по делам ЮНЕСКО стран-членов Международной организации тюркской культуры (ТЮРКСОЙ) состоялась встреча между Министром иностранных дел Туркменистана, Председателем Национальной комиссии Туркменистана по делам ЮНЕСКО Рашидом Мередовым с Председателем Национальной комиссии Турецкой Республики по делам ЮНЕСКО Оджалом Огузом.

В ходе беседы стороны констатировали плодотворное сотрудничество, установленное между странами в рамках ТЮРКСОЙ и ЮНЕСКО, в частности в контексте представления общих номинаций к Репрезентативному списку Нематериального культурного наследия человечества и других программ ЮНЕСКО.



Собеседники отметили, что включение празднования 300-летия со дня рождения поэта Махтумкули Фраги в 2024-2025 годах в Список знаменательных дат ЮНЕСКО является ярким подтверждением признания творчества великого туркменского поэта-классика и мыслителя в контексте культурно-гуманитарного международного сотрудничества и его влияния на формирование мирового культурного наследия.

### *Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана направил соболезнования Верховному Духовному лидеру Исламской Республики Иран*

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил глубокие соболезнования Верховному духовному лидеру Исламской Республики Иран Аятолла Сейеду Али Хосейни Хаменеи в связи с безвременной кончиной в трагической катастрофе Президента Исламской Республики Иран Сейеда Эбрахима Раиси.

«Будучи видным политиком и мудрым государственным руководителем, Сейед Эбрахим Раиси провёл огромную работу во имя благополучной и счастливой жизни Исламской Республики Иран и её народа», – подчёркивается в послании.

От имени Халк Маслахаты Туркменистана и от себя лично Герой-Аркадаг передал слова глубокого сопереживания и поддержки в этот тяжёлый момент родным и близким покойного, а также всему дружественному народу Ирана.

### Президент Туркменистана направил соболезнования Первому вице-президенту Исламской Республики Иран

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил глубокие соболезнования первому вице-президенту Исламской Республики Иран Мохаммаду Мохберу в связи с безвременной кончиной в трагической катастрофе Президента Исламской Республики Иран Сейеда Эбрахима Раиси.

Как отметил в своём послании глава государства, будучи видным государственным деятелем, Сейед Эбрахим Раиси проводил успешную работу по уверенному продвижению Исламской Республики Иран вперёд, а также внёс весомый вклад в развитие конструктивного и взаимовыгодного сотрудничества с Туркменистаном.

«Да ниспошлёт Всемогущий Аллах близким покойного и всему иранскому народу стойкости духа и мужества в этот тяжёлый момент», – пожелал Президент Туркменистана.

## НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Национальная палата адвокатов в Туркменистане*

В Туркменистане будет создана Национальная палата адвокатов. Это предусмотрено Соглашением о вкладе в поддержку проекта «Повышение потенциала коллегий адвокатов в Туркменистане», которое было подписано Программой развития ООН (ПРООН) и Посольством Великобритании в Туркменистане.

Создание Национальной палаты адвокатов предусматривает представление и защиту интересов адвокатов, координацию деятельности коллегий адвокатов в регионах Туркменистана и Ашхабаде, обеспечение качественной юридической помощи со стороны адвокатов. В ее полномочия также войдет решение вопросов, затрагивающих интересы адвокатского сообщества.

### *Туркменская делегация посетила Иранскую провинцию Гулистан*

Представительная группа страны посетила город Гурген провинции Гулистан Исламской Республики Иран. Это стало ярким свидетельством того, что память о Махтумкули Фраги, одного из видных представителей туркменского народа, внесшего огромный вклад в мировую культуру, вечна и достойно сохраняется народами Ирана и Туркменистана.

Примечательно, что 300-летие со дня рождения Махтумкули Фраги, отмечается и в Исламской Республике Иран. В день прибытия туркменской делегации состоялись встреча и торжественное чаепитие с руководством провинции Гулистан. На ней обсуждались вопросы, связанные с широким распространением юбилейных торжеств поэта и изучением творческого наследия поэта на научной основе. Также было отмечено, что встречи и переговоры на высоком уровне открывают новые возможности для развития двусторонних отношений во всех сферах.

### *В Ташкенте пройдет научная конференция в честь 300-летия Махтумкули*

Предложение директора Международного института Центральной Азии Жавлона Вахабова о проведении в Ташкенте совместной научной конференции, посвященной юбилею Махтумкули Фраги было поддержано в ходе его встречи с ректором Института международных отношений МИД Туркменистана (ИМО) Джумамурадом Гурбангельдыевым.

На онлайн-встрече также присутствовал директор Центра стратегических исследований ИМО МИД Туркменистана Шири Шириев. Стороны обсудили укрепление партнерских связей и дальнейшее развитие взаимодействия по ключевым аспектам двусторонних отношений.

Ректор ИМО МИД Туркменистана отметил новый уровень сотрудничества между Туркменистаном и Узбекистана благодаря усилиям глав двух стран.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***